Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 25-nji maýyndaky 66-iş belgili
**B U Ý R U G Y**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2022-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 71-IŞ belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada**

Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, “Hukuk namalary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 30-njy maddasyna laýyklykda buýurýaryn:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2022-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda 1649 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2022-nji ýylyň 19-njy awgustyndaky çykaran 71-IŞ belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibinde:

1) altynjy böleginde “durmuş işi boýunça hünärmen (mundan beýläk – Hünärmen)” tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen” diýen sözleri aýyrmaly;

2) on ýedinji böleginde “Şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň dowamynda oňa hünärmen tarapyndan” diýen sözleri “Şertnamanyň şertlerinde we Aýratyn meýilnamada beýan edilenlere laýyklykda, peýdalanyja” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

3) ýigriminji böleginde “durmuş hyzmatlaryna mätäç adama durmuş hyzmatlarynyň edilmegi barada ýüztutmasy, durmuş hyzmatlaryna” diýen sözleri “ýüztutmasy esasynda kyn durmuş ýagdaýyna düşen adamy ýa-da çagany durmuş hyzmatlarynyň edilmegine” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

4) ýigrimi birinji böleginde “birleşikleriň adamy durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmek baradaky” diýen sözleri “birleşikleriniň kyn durmuş ýagdaýyna düşen adama durmuş hyzmatlaryny etmek baradaky” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

5) ýigrimi üçünji bölegi şu görnüşde beýan etmeli:

“Üpjün ediji durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adamyň şahsy zerurlyklaryna toplumlaýyn baha bermegiň netijeleri esasynda Aýratyn meýilnamanyň düzülmegini guraýar. Aýratyn meýilnama peýdalanyjyny goldamak, onuň kyn durmuş ýagdaýyny ýeňip geçmek üçin zerur çäreleri öz içine alýar.”

6) ýigrimi dördünji böleginde “Hünärmen” diýen sözi “Durmuş işi boýunça hünärmen (mundan beýläk – Hünärmen)” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

7) elli altynjy böleginiň 2-nji bendini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

8) Tertibe 2-nji goşundyda:

a) ýedinji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

“7. Döwlete degişli üpjün edijiler tarapyndan tölegli esasda ýerine ýetirilýän durmuş hyzmatlarynyň bahasy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen döwlet nyrhlaryna laýyklykda, döwlete degişli däl üpjün edijiler tarapyndan tölegli esasda ýerine ýetirilýän durmuş hyzmatlarynyň bahasy özbaşdak bellän nyrhlaryna ýa-da tariflaryna laýyklykda kesgitleýär.”

b) “Maglumatlar we gollar” babynda “Durmuş taýdan hyzmat edýän edaranyň ýolbaşçysynyň goly____” diýen sözlerden soň “M.Ý.” diýen ýazgyny goşmaly.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 6-njy iýunynda 1712 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.